# BIOLOGIK DÜRLÜLIK HAKYNDA KONWENSIÝA

## GYSGAÇA MAGLUMAT:

Biologik dürlülik – ýer ýüzünde (ýerde, suwda, howada) ýaşaýan ähli janly organizmleriň – ösümlikleriň, haýwanlaryň, mikroorganizmleriň jemi, bu düşünje bir görnüşiň çägindäki, dürli görnüşleriň arasyndaky we ekoulgam derejesindäki dürlüligi özünde jemleýär.

## TARYHY:

Ýaşaýşyň esasy çeşmeleriniň biri hökmünde seredilýän biologik dürlüligiň, esasan hem ösümlik we haýwanat dünýäsiniň görnüşleriniň sanynyň azalmagyna we olaryň ençemesiniň doly ýitip gitmek howpuna alymlar XIX asyrda, esasan hem XX asyryň ikinji ýarymynda has düýpli üns berip başladylar. Netijede halkara derejesinde 21-nji asyryň gün tertibinde bellenen ýörelgeleri durmuşa geçirmekde we durnukly ösüşi amala aşyrmakda esasy serişde hökmünde Biologik dürlülik hakynda konwensiýa işlenip taýýarlandy.

1992-njiýylyň 5-nji iýunynda Braziliýanyň Rio-de-Žaneýro şäherinde ýokary derejede geçirilen durnukly ösüş boýunça Bütindünýä Sammitinde 145 döwletiň ýolbaşçylarynyň gol çekmeginde Biologik dürlülik hakynda konwensiýa kabul edildi. 1993-nji ýylyň 29-njy dekabrynda Konwensiýa güýje girdi. Häzirki wagtda 196 (195 döwlet we Ýewropa Bileleşigi) ýurt bu Konwensiýanyň Tarapydyr.

Türkmenistanyň Mejlisi 1996-njy ýylyň 18-nji iýunynda Biologik dürlülik hakynda konwensiýany tassyklady.

**ESASY MAKSADY:**

- Biologik dürlüligi genetiki, görnüş we ekoulgam derejesinde gorap saklamak;
- Ýurtlar tarapyndan biodürlüligiň ähli düzüm bölekleriniň durnukly peýdalanylmagyny üpjün etmek;
- Genetiki baýlyklaryň elýeterliligini we degişli tehnologiýalaryň alyşylmagyny üpjün etmek hem-de ýeterlik derejede maliýeleşdirmek arkaly genetiki baýlyklary peýdalanmakdan gelýän peýdany bilelikde adalatly we deň derejede paýlaşmak.

**KONWENSIÝANY TASSYKLAN DÖWLETLERIŇ BORÇLARY:**

Biologik dürlülik hakynda Konwensiýa ýuridiki borçlandyryjy häsiýete eýe bolup, ony tassyklan Taraplar aşakdakylara borçlanýarlar:

- Biologik dürlüligi gorap saklamak we durnukly peýdalanamak boýunça zerur çäreleri amala aşyrmak;
- Daşky gurşawy goramak we ösüş babatda döwlet maksatnamalarynyň düzüm bölegi bolan biologik dürlüligi gorap saklamak boýunça milli strategiýalary, meýilnamalary we maksatnamalary işläp taýýarlamak we durmuşa geçirmek;
- Konwensiýanyň düzgünlerini amala aşyrmakda öz üstlerine alan borçnamalarynyň ýerine ýetirilişi baradaky hasabatlary öz wagtynda Konwensiýanyň sekretarityna bermek.

**HÄZIRKI WAGTA ÇENLI ÝERINE ÝETIRILEN IŞLER:**

- Konwensiýanyň talaplaryna laýyklykda 2002-nji ýylda “Türkmenistanyň biodürliliginiň ýagdaýy” atly syn we “Biodürliligi gorap saklamak boýunça mili strategiýasy we hereketleriň meýilnamasy” taýýarlanyldy we çap edildi;
- Konwensiýanyň ýerine ýetirilişi boýunça 6 sany milli hasabatlar taýýarlanyldy we Konwensiýanyň sekretariatyna tabşyryldy;
- 2015-nji ýylda Türkmenistanda ilkinji milli seýilgähleri döretmek boýunça esaslandyrylan teklipler taýýarlanyldy;
- Biologiki dürlülik bilen bagly kanunçylyk yzygiderli kämilleşdirilýär. 2012-2015-nji ýyllarda „Aýratyn goralýan tebigy ýerler hakynda“, „Ösümlik dünýäsi hakynda“, „Haýwanat dünýäsi hakynda“ Türkmenistanyň kanunlary işlebip taýýarlandy we kabul edildi.
- Aýratyn goralýan tebigy ýerleriň meýdany yzygiderli giňeldilýär. 2013-nji ýylda “Bereketli Garagum” döwlet tebigy goraghanasy döredildi.
- 2023-nji ýylyň 20-nji sentýabrynda Gaplaňgyr hem-de Berkeketli Garagum döwlet tebigy goraghanalary we Repetek döwlet biosfera goraghanasy we onuň düzümindäki Ýerajy döwlet tebigy çäkli goraghanasy Türkmenistanyň, Gazagystanyň we Özbegistanyň adyndan transmilli görnüşde «Aram guşaklykdaky Turan çölleri» ady bilen ÝUNESKO-nyň Bütindünýä tebigy mirasynyň sanawyna girizildi.
- Türkmenistanyň Gyzyl kitaby yzygiderli täzelenýär we neşir edilýär. Gyzyl kitabyň 1-nji neşiri 1985-nji ýylda, 2-nji neşiri 1999-njy ýylda, 3-nji neşiri 2011-nji ýylda neşir edildi, soňky taýýarlanan 4-nji neşiri 2024-nji ýylda çap edildi.
- Türkmenistanyň 2021-2025-nji ýyllar üçin Milli tokaý maksatnamasynda bellenen Balkan daglarynda täze döwlet tebigy goraghanany hem-de Daşoguz welaýatynda Zeňňibaba, Lebap welaýatynda Tallymerjen we Pitnek çäkli goraghanalary döretmegiň ylmy we ekologik esaslandyrmalary taýýarlandy.

## ÝERINE ÝETIRILMEGI MEÝILLEŞDIRILÝÄN ÇÄRELER:

- Balkan daglarynda täze döwlet tebigy goraghanany hem-de Daşoguz welaýatynda Zeňňibaba, Lebap welaýatynda Tallymerjen we Pitnek çäkli goraghanalary döretmek;
- Biologik dürlüligi gorap saklamak boýunça Türkmenistanyň Milli strategiýany we hereketleriň meýilnamasyny işläp taýýarlamak we kabul etmek;
- Biodürlülik hakynda konwensiýanyň 18-nji maddasynyň 3-nji bölegine laýyklykda ylmy-tehniki maglumatlary alyşmak boýunça araçyllyk mehanizmini (ýagny Kliring-haus mehanizm - CHM) döretmegiň mümkinçiliklerini öwrenmek we ýola goýmak boýunça degişli işleri geçirmek;
- Biologik dürlülik hakynda konwensiýa boýunça nobatdaky 7-nji milli hasabaty taýýarlamak;
- Türkmenistanda ilkinji milli tebigy seýilgähi döretmek boýunça esaslandyrmalary taýýarlamak;
- Özbegistan bilen hyzmatdaşlykda Köýtendagyň dag ekoulgamyny ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasynyň sanawyna girizmek boýunça bilelikdäki serhetüsti hödürnamany taýýarlamak.